# Miniatýuralar

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Miniatýuralar MINIATÝURALAR




- **Gülküli nowellanyň başlanyşy**

A şäherinde ýaşaýan O, soňky täzelikleri eşidip be-e, diýdi, soň bä-ä. Kä adamlaryň soňky täzelikere A-daptasiýa geçişini görüp, be-e hem diýmedi, bä-ä hem. Ha-ha-ha. Gülki astynda düşen her belanyň gorkunç belalygyny ýitirýänini düşünen O amerikaly atdaşy Henri O ýaly bir gülküli nowella başlady.

23.09.23. Daşoguz-Aşgabat. Garagum.

- **Ejesinden öýkeleýän oglanjyk**

Osmanjyk gün yrman ejesinden öýkeleýär. Kakasy türke gideli bäri onuň häsiýeti hem üýtgän ýaly. Alty ýaşlydygyna garamazdan Osmanjyk öz deň-duşlaryndan has düşünjeli. Belki şonuň üçindir her gün ejesiniň garşysyna gelip:
– Anne, sana küstüm- diýýär. – Babam senin yüzünden gitti.
Bir zatlara gümra bolup oturan ejesi körpesiniň gaharlyja durşuny synlap, aýdýan sözlerine doly düşünmese-de:
– Türk kanal görüp, diliňem zaýalanyp barýar, balajygym –

diýip howatyrlanýar. Soňam «küsmek» sözüniň öýke bilen baglanyşyklydygy ýadyna düşürip:
– Maňa küsme balam – diýdi. – Dädeň saňa köp pul ugradar işläbersin häli.
Emma Osmanjyk ejesiniň sözlerini eşidenokdy, Çocuk kanalyndan täze multfilim başlapdy.

24.09.23. Garagum, Içoguz stansiýasy.

- **Seni gowy görmeýän aýaly gowy görmek**

Olar birki sagatlyk kireýine alan jaýlarynda. Ýumşak düşekde bir-birine seredip ýatyrlar. Söýgi babatda gönümel zenan özüne garap dymyp ýatan söýgüli erkeginiň bijaý yrga häsiýetlerini aňlap ugrapdy, emma ol söýýärdi. Erkegiň gury söýgi üçin maşgalasyny taşlamajagyny hem gowy düşünýärdi. Zenana bu geregem däl.
Özüni juda bagty getiren hasaplaýan erkek, sesini çykarman özüne garap ýatan owadan zenanyň aşa lezzetden süzülen gözlerine seredip ýatyşyna:
– Meni gowy görýäňmi – diýip dillendi.
Zenan hiç zat geplemän onuň saçlaryny daraklady. Barmaklarynyň üsti bilen ýüreginiň ýylysyny söýýän erkegine ýetiresi geldi. Erkek ýene ýasama mähir, mylakat bilen pyşyrdady:
– Meni gowy görýäňmi?
Aýal ýalaňaç bedenine ýukajyk ýorgan çekip:
– Ýok, gowy göremok – diýip, biperwaý aytdy. Erkegiň keýpi bozuldy. Soň zenan ýorgandan çykman dikelip, arkasyny diwara berip oturdy. Özüne ynjyly garap ýatan erkege:
– Sen bilýäň-ä meň ýakyndan gowy görmeýänimi, janym – diýip, mähirli ýylgyrdy.
Ýatalganyň gapdalynda duran tumboçkanyň üstünde äýnek ýatyrdy.

09.03.23. Moskwa. Klin.

- **Agşamky ahwal**

*Ночь. Улица. Фонарь…*
***Блок.***

Köçe.
Gije. Salpygulak it.
Fonaryñ astynda tukat ýigit. Ümsumlik. Salpygulak it yigide golaýlaýar, gözlerini oynadýar, guyrugyny bulaýar. Damja ýaşa çalymdaş it didelerinde mähir bar.
– Gözleriñ şol gyzyñky ýaly, ýasama näzden dop-doly, git, salaty it. Başymy agyrtma, derdim ýetik.
Ýigit barýar, ýolgyrada akyp ýatan salma bar. Añyrsynda miweleri bişen alma bag.
Alma. Alma diýselerem alman bilemok. Baga bir ädim ätdi. Yzynda salaty ganjyk.
Gözleri ýalbardy:
– Bu baga girme, hany çyk.
Ýigit aýak çekdi, garañkyda sermenip tirsek ýaly taýak tapdy. Saldy itden, çyñsamady janawar.
Bu baga bile girmeli gyz hakda küýlenen ýigit. Gyzyñ ruhuny taýaklap gitdi. Gyz ýigit üçin Howa ýalydy.

18.08.23. Mkr. Maýdanowa, Klin.

## • Ýalñyzlar kafesi

Güýz ýagynly geldi. Süllümmaý säherli, damjyklaýan agşamly. Ýerde ýatan zer ýapraklar göz ýaşly mysaly.
Oglan kafede işläp başlady. Söýgülisi üçin uly ýumşak aýy gurjak alyp goýany hem haçandy. Doglan gün ýene bir hepdeden. Oglan sabyrsyz. Entegem kafeniñ hysyrdyly gündemi.
Kafeden irräk boşan oglan bu gün bagtyýar şadyýan. Saralan baglaryñ arasynda gyza garaşýar. Bir sagat, iki sagat, gyz gara berenok. Oglan pökgi aýysy bilen bagda ýalñyz. Gyz gelmedi. Telefonyny hem açmady hiç bolman. Oglan yzyna gaýtdy. Kafe gelişine bir gyra geçip oturdy. Hiç zat edesi gelenok. Kalbyñy gemrip barýan tukatlyk. Bir zat edip halas bolmaly, bu ahwaldan çykmaly. Kafe hemişeki ýaly köp adamly. Oglan tukat başyny galdyryp kafe gelip-gidýänleri synlaýar.
Honha köçä bakyp duran aýna diwaryñ düýbündäki stolda bir gyz otyr. Owadanja. Entek ýetginjek görünýär. Oglan onuñ ýanyna baryp, hiç zat diýmän söýgülisine berilmeli sowgady gyzyñ

eline tutduryp, çykyp gidýär. Aňk-taňk bolan gyz, hiç zat diýmägede ýetişmedi.
Bu epizody gapdaldan synlaýan kafeniň hojaýyny öz işgärine gaty geň galdy, hem gaharlandy.
– Nämedip ýör-eý, bi?!
Kafeniň hojaýyny ertesi irden ertirlik edinip otyrka Yaponiyada yalniz adamlar kafe gelende garşysynda gurjak oturtýanlaryny internetden okady. Hem işgär ohlanyň düynki hokgasynyň ýöne ýere däldigini duýdy.
– Haý zaluwat ökde restorançy boljag-ow.
Oglanyň ýumşak oýunjak sowgat eden eýjejik gyzy ertesi ýene kafe geldi. Maýyny tapyp bu ýerde işleýän oglany sorady. Oglanyň işden çykyp gidendigini aýtdylar.
Gyz ýagyş damjalary syrygýan aýna diwara seredip dymdy.

20.06.23. Klin.

- **Söýgi hakda goşgy sargydy**

Şahyra söýgi hakda goşgy ýazyp bermegi sargyt etdiler. Pulunam gepleşdiler. Sargyt eden çalsaç kişi goşgy mundan ozal ýazylan söýgi goşgularyna hiç meňzemesin diýip ýaňzytdy.
Şahyr oňa düşundi. Beýle goşgy ýazmak üçin şoňa görä söýüp gören bolmaly.
Ýöne söýgi diýilende bir ýaş ýigit şahyryň göz öňüne geldi durdy.
Görmegeýdi ol ýigit, hem şahandaz şadyýandy. Nirä barsa baran ýeri ala ýaz. Gyzlaryň içinde melek kibi päk,
ezizläp söýeni hem bardy.
Adamlar ol ýaş ýigidiň şat ýylgyryp ýörşüne «Aý, bu bir aşyk bolan oglan-da, şonuň üçin indi güler bi» diýerdiler.
Ýene biri: «Ýok, bu öňem diňe gülüp gezýärdi, aý şul-a ýatyrka-da ýylgyryp ýatýar öýdýän» diýip ýylgyrýardy.
Ynha, bir gün ýaş ýigidiň söýenini, başga birine äre çykardylar. Ýigit bolsa şo günden soň bir gezegem ýylgyrmady. Bir gezegem.
Gül ýüzüne külden perde çekilen ýaly bolaýdy asyl. Soňam syrkawlap, kän ýatman ýurduny täzeledi.

Şahyr söýgi hakda goşgy sargyt eden çal saçly kişini göz öňüne getirip oturşyna onuň şol ýaşlykda ýylgyrmagy ýatdan çykaran ýigide çalymdaşlygy hakda oýlandy.

22.03.23. Moskwa.

- **Gyzyl Gün**

Horaz gygyrýar. Baý sesiniň erbetdigini. Şerreňňiz heleý bola. Sakgaly etden, burny polatdan… Şu sanawaç kellesinde köwsarlap hiç galanok.
Sakgaly etden, burny polatdan… doglan bolmaly sen bir bilýatdan. Ukynyň arasynda kellesine gelýän kapyýa gyzyň gülesi geldi. Horaz ýene gygyrdy. Gy-gy-gyyy…
– Gygyrma blýat. Turdum ine.
Daşarynyň howasy ter. Bagyň içinde ukudan çykyp bilmän oturan gyz agşamky meýlisi ýatlady. Aýylganç gaty saz, wiski, gyzyl çakyr. Gyz oglanlar. Wagyrdy, şowhun. Gyzyl köýnekli oglan. Muha diýdilermi. Kunglingus etýänçimiş masgara. Badabat halamadym ony. Şeýtan sypat diýdim ýogsa şeytany göremogam. Alla saklasyn, toba. Gyz bagyň içindäki guýynyň gyrasyndaky nowadan suw alyp ýaňaklaryna çaldy. Buz ýaly eken. Estrogen mäzleri aktiwleşip giden erkekpisint gyz, ýerinden turup, errelip-çerrelip gerindi-de, hajathana ugrady.
– Indi gaýdyp şeyle oturyşmalara gitmerin, blýat.
Gyzyl horaz dik-depä galan gyzyl Güne garaman bogazyna sygdykdan gygyrdy… Gy-gy-gy-gyyyy…

21.08.23. Moskwa.

- **Soňky sms-ler**

*Şatlanmakdan başga alajymyz ýok. Şatlanalyň!*
***(internetden)***

Gyz:
– Maňa gaýdyp ýazma!
Oglan:
– Nämbolly?

Gyz:
– Ýazma! Bolany, hiç zat ýazma!
Oglan:
– Düşündirsene! Nâme bolly?
Gyz:
– Sebäbi sen samsyk! Ýazma maňa gaýdyp.
Oglan:
– Ok!
Gyz:
– Ok diýibem ýazma.
Oglan:
– Bok!

06.07.23. Moskwa.

- **Kofe. Keks. Kelläňi durlaýan**

Wagonyň dälizinde godurdawuk sesli biri iki ýana çapýar
– Kofee. Kkeks. Kkelläňi durlaýan. Hany ggeliňň!
Golaýlaýas. Dürli ýaşly ýolagçylar dar dälize çykyp oturýarlar durýarlar. Godurdawuk sesli ýene geldi:
– Kofee. Kkeks. Kkelläňi durlaýan. Hany ggeliňň! Ggeliň!
Säheriň çigregi. Ýolçylaryň gyssanmaç geldi-geçer mesawalary. Dälizde oturan biri çişen göz owalaryny owkalap:
– Beh, biwara barýançak kelläni bulaşdyrjagow – diýip, tambur tarapdan görnen jerçä nägile seretdi.
– Kofee. Kkeks. Kkelläňi durlaýan.

24.09.23. Garagum çöli.

Sylapberdi MUHAMOW. Hekaýalar